# Aldawçynyñ pañ-pañy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aldawçynyñ pañ-pañy ALDAWÇYNYÑ PAÑ-PAÑY




Sen-ä meni aldaýaň,
Menem seni aldaýan.
Daýy-ýegen, dost-dogan…
Yzymyzdan galmaýar.
Goýup yzda çynymy,
Öňe saldym jynymy.
Diýdim aldap özümi:
“Pyçak gyýmaz gynyny”.

Asalymda ýalan bar,

Ýazanymda ýalan bar,
Gazanymda ýalan bar.
Şo gazanda ýanan bar.

Aldap bilýän pirimi,
Çölde gaplaň, şirimi.
Aldap ýörenlerimiň
Aýt, senem birimi?
Jyn çykmyşdyr gabyndan,
Çyn ýasalmyş sabyndan.
Meniň ýasan ýalanym,
Ýasalandyr gawundan.
Heýjan-elek, jan-elek,
Sözüme diý-de: –Telek!
Diýmeseler: “Aldaýar!”,
Näme kemiň, Allaýar?!

08.01.2024. Goşgular